# Saud milliarderi Hassan Jemiliñ amerikan aýdymçysy Rihanna bilen ýakyn gatnaşygy

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025

Saud milliarderi Hassan Jemiliñ amerikan aýdymçysy Rihanna bilen ýakyn gatnaşygy SAUD MILLIARDERI HASSAN JEMILIÑ AMERIKAN AÝDYMÇYSY RIHANNA BILEN ÝAKYN GATNAŞYGY




*Bir tarapda aýdymlarynda şeýtana hyzmat edýändigi öñe sürülýän satanist we masonik nyşanlary bilen çykyş edýändigi üçin ýygy-ýygydan gepi çykýan pop ýyldyzy Rihanna…*
*Beýleki bir tarapda-da Iki jahanyñ serweri, ynsyñ-jynsyñ göz guwanjy Pygamberimiz Muhammet Mustapa (s.a.w) ýaly beýik ynsany bagrynda saklap, adamzada bagyş eden Mekge-Medine ýaly mübärek topraklaryñ ýerleşýän ýurdy Saud Arabystany patyşalygynyñ ýetim-ýesiriñ, garyp-gasaryñ gözýaşynyñ, daban azabynyñ, alyn deriniñ üstünde gurlan we gör kimleriñ haram keýpi üçin tarhandökerlik bilen ýele sowrulýan millionlap, milliardlap dollarlaryñ ummanynda ýüzüp ýören azgyn arap şeýhiniñ mirasdüşer ogly Hassan Jemil…*



Çagakak «arap» diýilse, namazly-täretli, aşa dindar, halalhon adamlar göz öňümize gelerdi.
Elbetde, Hassan Jemil ýaly on iki erkegiň agzyndan galan gaýry dinli ýuwundyny özüne aýal edinmekçi bolan bir azgyn araba seredip, tutuş arap milletiniň üstünden atanak çekip bolmaz. «Şükür bagşy» kinofilminde aýdylyşy ýaly, «Her obanyň öz tentegi bar». Ýöne meniň hakykatda öz gözüm bilen gören we habar beriş serişdelerinde şular ýaly habarlardan tanan araplarymyň içinde-hä «sag» araba gabat gelmedim.



Şu ýerde bir sowaly kanuny ýagdaýda orta atmaly bolýar. Biziň käbir dogry-dürs ýolly ildeşlerimiziň halal ýollar bilen bäş parzynyň soňkusyny berjaý etmek üçin ömrüne toplan ýa-da galabasy aldawçy, söwdagär, süýthor, haj zyýaratyny-da il gözüne we özüne «pylan hajy» diýdirmek üçin Mekge-Medina gidip gelýän hajysumak ildeşlerimiziň halaldan-haramdan ýygnap haja sowýan pullaryndan üýşýän ummasyz girdejileri araplar nirelere sarp edýärkä? Hassan Jemil ýaly saudly milliarderleriň haram keýplerinemi?
Hawa-da, puluň bolsa isläniňi edibermeli dünýe-dä…
Öte geçýän bolsam, bagyşlaň. Aşakda gürrüňi giden şeýhiň durmuşyndan bir parçany siziň dykgatyňyza hödürleýärin. Bu hakda çuň oýlanyp, özüňiz netije çykarsaňyz has gowy bolar.



Ýakyn Gündogaryñ iñ baý 12-nji maşgalasynyñ mirasdüşeri Saud Arabystanly Hassan Jemil üç ýyllap «gezenden» soñ dünýä belli aýdymçy Rihanna bilen gatnaşygyny kesdi. Toý tutmagyna garaşylyp ýörlen we gatnaşyklaryny görer gözden daşda saklan jübütleriñ näme sebäpli aýrylyşandygyny bilýän ýok.
Mundan birnäçe ýyl Saud Arabystanly milliarder Hassan Jemiliñ meşhur Rihanna bilen ýakyn gatnaşygynyñ soñlanandygy habar berlipdi. 31 ýaşly barbadosly aýdymçy bilen 31 ýaşly arap işewüriniñ gizlin saklap gelen gatnaşyklarynyñ näme sebäpli soñlanandygyny bilýän ýok.


Birinji gezek 2017-nji ýylda bile tirkeşip barýarkalar suraty alnan we yzyndan ýakyn gatnaşyklarynyñ bardygyny boýun alan jübütler iki bolup hiç wagtam habar beriş serişdeleriniñ öñüne çykmadylar, gyzyl halyçanyñ üstünde surata düşmediler. Ýygy-

ýygydan dynç almaga gidýän jübütler gatnaşyklaryny gözden uzak saklaýardy.



Ýakyn Gündogaryň iň baý 12-nji maşgalasynyň mirasdüşeri bolan Hassan Jemil bilen Rihanna 2018-nji ýylyň ortalarynda aýrylyşyp, yzyndan ýene ýaraşypdylar. Meşhur aýdymçy üç aý öň «Vogue» žurnalyna beren reportažynda ene bolmak isleýändigini we fatasyny-da özi saýlap-seçendigini aýdypdy.




Geçen ýyl Jemile adaglanandygy hakda habar berlen Rihanna «E!» kanalynyň alypbaryjylaryndan Morgan Stewartyň sosial mediýa hasabynda paýlaşan we özi hakdaky «Bir adaglama bolaýjak ýaly we megerem bir bäbejik» diýýän wideoýazgyny halapdyr, bulam meşhur aýdymçy bilen Hassanyň adaglanandygy hakdaky gep-gürrüňleri güýçlendiripdi.




Aýdýan aýdymlary ýaly şahsy durmuşy-da dillerden düşmän gelýän Rihannanyñ pynhan söýgi gatnaşyklary boýunça «depderi» Hassan Jemilden öñem ýuka däldi. «Söýgi depderiniñ» galyñlygy bir jiltlik romandanam galyñ Ririniñ durmuşyna örän köp tanymal şahslar aralaşdy. Aşakda Rihannanyñ Hassan Jemilden öñki «gezen» erkekleri…



**Negus Sealy**



Jay Z



Josh Hartnett



Chris Brown



Wilmer Valderrama



Justin Timberlake



Rashard Lewis




Josh Henderson




Drake



Matt Kemp




Dudley O’Shaughnessy



Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Jemgyýetçilik tankydy